Türkmenistanyň Sport we ýaşlar
syýasaty ministriniň
2019-njy ýylyň 26-njy noýabrynda
çykaran 707-Ö belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

## Umumydöwlet we halkara sport çäreleriniň ýeke-täk senenama meýilnamasyny döretmegiň gözükdirijisi

### I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Umumydöwlet we halkara sport çäreleriniň ýeke-täk senenama meýilnamasyny döretmegiň gözükdirijisi (mundan beýläk - Gözükdiriji) “Bedenterbiýe we sport hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 11-nji maddasynyň 24-nji bendine we 45-nji maddasyna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy hem-de umumydöwlet we halkara sport çäreleriniň ýeke-täk senenama meýilnamasyny döretmegiň tertibini düzgünleşdirýär.

2. Şu Gözükdirijide ulanylýan esasy düşünjeler “Bedenterbiýe we sport hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda ulanylýar.

3. Umumydöwlet we halkara sport çäreleriniň ýeke-täk senenama meýilnamasy (mundan beýläk – ýeke-täk senenama meýilnamasy) Türkmenistanyň çäginde geçirilýän umumydöwlet derejeli ýaryşlaryň we halkara ýaryşlarynyň sanawyny, şeýle hem senenama ýylynyň dowamynda sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlarynyň halkara sport ýaryşlaryna taýýarlygy we olara gatnaşmagy boýunça geçirilýän çäreleriň sanawyny kesgitleýän kadalaşdyryjy resminamadyr.

4. Ýeke-täk senenama meýilnamasyny döretmegiň esasy maksatlary şular bolup durýar:

1) ilatyň bedenterbiýe bilen guramaçylykly meşgullanmagyna, şeýle hem olaryň köpçülikleýin sport çärelerine we bedenterbiýe-sagaldyş çärelerine gatnaşmaklarynyň höwesini artdyrmak boýunça gönükdirilen sport çäreleriniň bitewi ulgamyny döretmek;

2) sport görnüşlerini ösdürmek, sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryna türgenleri saýlap seçmek hem-de bu ýygyndy toparlara saýlanyp seçilen türgenleriň Türkmenistanyň çäginde geçirilýän umumydöwlet derejeli ýaryşlarynda we halkara sport ýaryşlarynda üstünlikli çykyş etmeklerini üpjün etmek üçin olary şol maksat bilen taýýarlamak maksady bilen sport çäreleriniň ulgamyny döretmek;

3) sport çäreleriniň guramaçylarynyň hereketlerini sazlamak.

5. Sport çäreleri ýeke-täk senenama meýilnamasynda Sport görnüşleriniň Döwlet sanawyna laýyklykda wagt yzygiderlilik tertipde ýerleşdirilýär.

6. Ýeke-täk senenama meýilnamasy sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalaryň, Türkmenistanyň Milli olimpiýa komitetiniň, Türkmenistanyň

Paralimpiýa komitetiniň we Türkmenistanyň ýörite olimpiýa hereketine ýolbaşçylyk edýän guramalaryň tekliplerini hasaba almak bilen döredilýär we Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi (mundan beýläk - Ministrlik) tarapyndan Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine tassyklamak üçin hödürlenilýär.

7. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary öz ýerli bedenterbiýe-sport çäreleriniň ýeke-täk senenama meýilnamalaryny umumydöwlet we halkara sport çäreleriniň ýeke-täk senenama meýilnamasyna laýyklykda döredýärler we tassyklaýarlar.

## II bap. Ýeke-täk senenama meýilnamasyna umumydöwlet we halkara sport çärelerini girizmegiň tertibi

8. Ýeke-täk senenama meýilnamasynyň gurluşy şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1) köpçülikleýin, umumydöwlet we halkara sport ýaryşlarynyň atlary;

2) köpçülikleýin, umumydöwlet we halkara sport ýaryşlarynyň geçiriljek ýeri we wagty;

3) köpçülikleýin, umumydöwlet we halkara sport ýaryşlaryna gatnaşýan türgenleriň sany;

4) köpçülikleýin, umumydöwlet we halkara sport ýaryşlaryna gatnaşýan tälimçileriň, eminleriň, wekilleriň we beýleki gatnaşyjylaryň sany.

9. Ýeke-täk senenama meýilnamasy şu aşakdaky görnüşlerden ybaratdyr:

1) Toplumlaýyn geçirilýän köpçülikleýin, umumydöwlet we köpçülikleýin halkara sport ýaryşlary;

2) Olimpiýa oýunlarynyň (Tomusky we Gyşky) meýilnamasyna girizilen sportuň görnüşleri;

3) maýyplygy bolan we saglyk mümkinçiligi çäkli bolan adamlaryň arasyndaky ýaryşlary;

4) Olimpiýa oýunlarynyň meýilnamasyna girizilmedik beýleki sportuň görnüşleri;

5) Sportuň milli görnüşleri.

10. Sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalary, Türkmenistanyň Milli olimpiýa komiteti, Türkmenistanyň Paralimpiýa komiteti we Türkmenistanyň ýörite olimpiýa hereketine ýolbaşçylyk edýän guramalar Ministrlige ýeke-täk senenama meýilnamasyna köpçülikleýin, umumydöwlet we halkara sport çärelerini girizmeklik üçin, şu aşakdaky resminamalary hödürlemelidirler:

1) ýeke-täk senenama meýilnamasyna köpçülikleýin, umumydöwlet we halkara sport çärelerini girizmeklik üçin haýyşnamany;

2) ýeke-täk senenama meýilnamasyna köpçülikleýin, umumydöwlet we halkara sport çärelerini girizmeklik barada tekliplerini;

3) Halkara Olimpiýa we Paralimpiýa komitetiniň, Ýörite Olimpiýa halkara guramasynyň, Aziýa Olimpiýa Geňeşiniň, Halkara sport guramalarynyň we sport

federasiýalarynyň senenama meýilnamalaryna laýyklykda, özleriniň tassyklanumumydöwlet we halkara sport çäreleriniň geçirilmegi hakyndaky meýilnamalaryny;

4) sport çäresiniň geçiriljek ýeriniň degişli ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasy bilen ýazmaça ylalaşygyny.

Şu bölekde görkezilen resminamalar senenama ýylyň 1-nji dekabryna çenli Ministrlige hödürlenilýär.

11. Şu Gözükdirijiniň onunjy böleginde görkezilen resminamalar gelip gowşan gününden başlap, Ministrlik tarapyndan 15 (on bäş) iş gününiň dowamynda seljerlip, olar talabalaýyk bolan ýagdaýynda, ýeke-täk senenama meýilnamasyna goşulýar. Ýeke-täk senenama meýilnamasy her ýylyň 25-nji dekabrynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine tassyklamak üçin teklip edilýär. Eger-de, şu Gözükdirijiniň onunjy böleginde sanalyp geçilen resminamalar agzalan bölekde görkezilen möhletde we talabalaýyk hödürlenilmedik ýagdaýynda, Ministrlik tarapyndan ýeke-täk senenama meýilnamasyna umumydöwlet we halkara sport çärelerini girizmekden ýüz dönderilýär. Bu barada resminamalary hödürlän sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalara, Türkmenistanyň Milli olimpiýa komitetine, Türkmenistanyň Paralimpiýa komitetine we Türkmenistanyň ýörite olimpiýa hereketine ýolbaşçylyk edýän guramalaryna ýeke-täk senenama meýilnamasyna umumydöwlet we halkara sport çärelerinigirizmekden ýüz döndermek barada çözgüt kabul edilen gününden başlap 3 (üç) iş gününiň dowamynda habar berilmelidir.

## III bap. Ýeke-täk senenama meýilnamasyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmekligiň tertibi

12. Ýeke-täk senenama meýilnamasyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek şu aşakdaky ýagdaýlarda amala aşyrylýar:

1) Türkmenistanyň çäginden daşarda geçiriljek halkara sport çäresiniň wagty we/ýa-da onuň geçiriljek ýeri üýtgände;

2) Sport görnüşleriniň Döwlet sanawyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizilende;

3) Türkmenistanyň çäginde geçiriljek umumydöwlet we halkara sport çäreleriniň degişli ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasy bilen ylalaşylmagy esasynda, olaryň wagtlary ýa-da geçiriljek ýerleri üýtgände;

4) sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalaryň, Türkmenistanyň Milli olimpiýa komitetiniň, Türkmenistanyň Paralimpiýa komitetiniň we Türkmenistanyň ýörite olimpiýa hereketine ýolbaşçylyk edýän guramalarynyň beren teklipleri esasynda Türkmenistanyň çäginde geçiriljek umumydöwlet çäreleriniň wagtlary ýa-da geçiriljek ýerleri üýtgände;

5) sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalaryň, Türkmenistanyň Milli olimpiýa komitetiniň, Türkmenistanyň Paralimpiýa komitetiniň we

Türkmenistanyň ýörite olimpiýa hereketine ýolbaşçylyk edýän guramalarynyň beren teklipleri esasynda.

13. Ýeke-täk senenama meýilnamasyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek üçin teklipler sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalary, Türkmenistanyň Milli olimpiýa komiteti, Türkmenistanyň Paralimpiýa komiteti we Türkmenistanyň ýörite olimpiýa hereketine ýolbaşçylyk edýän guramalary tarapyndan şu Gözükdirijiniň on ikinji böleginde görkezilen ýagdaýlar esaslandyrylyp, haýyşnama bilen bilelikde Ministrlige hödürlenilýär.

14. Ýeke-täk senenama meýilnamasyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek üçin hödürlenen teklipleriň şu Gözükdirijiniň on ikinji böleginde görkezilen ýagdaýlara laýyk gelmedik ýagdaýynda ýeke-täk senenama meýilnamasyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmekden ýüz dönderilýär.

15. Ministrlik tarapyndan şu Gözükdirijiniň on üçünji böleginde görkezilen resminamalar berlen gününden başlap 5 (bäş) senenama gününiň dowamynda seljerlip, olar talabalaýyk bolan ýagdaýynda, ýeke-täk senenama meýilnamasyna üýgetmeler we goşmaçalar girizilen görnüşini tassyklamak üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine teklip edilýär.

Ýeke-täk senenama meýilnamasyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmekden ýüz dönderilendigi barada, Ministrlik tarapyndan ýüz döndermek hakynda çözgüt kabul edilen gününden başlap, resminamalary hödürlän sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalaryna, Türkmenistanyň Milli olimpiýa komitetine, Türkmenistanyň Paralimpiýa komitetine we Türkmenistanyň ýörite olimpiýa hereketine ýolbaşçylyk edýän guramalaryna 3 (üç) senenama gününiň dowamynda habar berilmelidir.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2019-njy ýylyň 16-njy dekabrynda 1282 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.